#174 (196)
среда, 24 апреля 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

**19-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň ileri tutulýan meseleleriniň birnäçesine garaldy. Şunuň bilen baglylykda, Mejlisiň Başlygynyň maglumaty, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hasabatlary diňlenildi. Hasabatlary diňläp, döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny ösdürmek bilen bagly öňde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi, anyk tabşyryklary berdi.**

### Garaşsyzlyk baýramyna taýýarlyk çärelerine badalga berildi

Medeniýet ulgamyna gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli çäreleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz milli senenamamyzyň şanly senesiniň hormatyna geçiriljek dabaralary talabalaýyk guramak üçin işlenip taýýarlanylan degişli Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli dabaralary hem-de çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk topary döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy. Degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli dabaralary we çäreleri ýokary derejede, guramaçylykly geçirmegi üpjün etmäge borçly edildi.

### Ýeňiş güni egsilmez joşguna beslener

Ýurdumyzda Ýeňiş güni egsilmez joşgun, buýsanç duýgulary bilen giňden bellenilýär. Geljek nesilleriň parahat we bagtyýar durmuşyny goran uruş weteranlary barada döwletimiz tarapyndan hemmetaraplaýyn alada edilýär. Olaryň saglygyny goramak we dikeltmek boýunça zerur çäreler durmuşa geçirilýär. Şoňa görä-de, her bir güni milli we halkara ähmiýetli wakalara beslenýän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 79 ýyllygynyň şanyna baý many-mazmunly syýasy-jemgyýetçilik, medeni ähmiýetli çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Asylly däbe eýerilip, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň gahrymançylygy hem-de uruş ýyllarynda zähmet çeken ak saçly eneleriň görkezen nusgalyk edermenligi hormatlanyp, olara dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyzyň adyndan pul serişdeleri, gymmat bahaly sowgatlar gowşurylar.

### Halkara hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi berkidilýär

Daşary işler ministrliginiň wekiliýeti şu ýylyň 15-16-njy aprelinde Özbegistan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Husan-da, saparyň barşynda ýurdumyzyň wekiliýeti Merkezi Aziýa döwletleriniň we Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň daşary işler ministrleriniň strategik gepleşikler boýunça ikinji duşuşygyna gatnaşdy. Şunuň bilen birlikde, Daşkentde Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň derejesinde geňeşmeler geçirildi. Köptaraplaýyn duşuşygyň çäklerinde halkara we sebit gün tertibiniň möhüm meseleleri, şol sanda Owganystana degişli meseleler boýunça pikir alyşmalar boldy, taraplaryň bu ugurlardaky garaýyşlary beýan edildi. Şeýle hem söwda-ykdysady, maýa goýum ulgamlarynda, howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak babatda sebitara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça bilelikdäki hereketler gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Medeniýet, bilimýlym ugurly gatnaşyklary işjeňleşdirmek meselesine hem üns berildi. Şeýle-de «2023 — 2027-nji ýyllarda strategik gepleşikler we hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki Hereketleriň meýilnamasyny» durmuşa geçirmäge gönükdirilen işlere seljerme berildi. Forumyň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edildi.

## Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (OSJD) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň XXXVIII mejlisiniň netijeleri boýunça AŞGABAT **JARNAMASY**

2024-nji ýylyň 15 - 19-njy aprelinde Aşgabatda geçirilen Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (OSJD) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň XXXVIII mejlisine gatnaşyjylar, şeýle hem oňa (mundan beýläk maslahat) gatnaşan ulag-logistika kompaniýalarynyň — OSJD-ä goşulyşan kärhanalaryň wekilleri aşakdakylar barada beýan etdiler:

Maslahatyň dowamynda halkara demir ýol daşamalary ulgamyndaky meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy we halkara demir ýol daşamalaryny, ilkinji nobatda, Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky gatnawlarda demir ýol arkaly daşamalary mundan beýläk-de ösdürmegiň, bu ugurda ylalaşykly ulag syýasatyny kemala getirmegiň, halkara demir ýol ulagynda kadalaşdyryjy halkara hukuk şertnamalaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň möhümdigi nygtaldy.

Maslahata gatnaşyjylar demir ýol ulagynyň ykdysady, maglumat, ylmy-tehniki we ekologik ugurlary bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça OSJD-ä agza ýurtlaryň hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de giňeltmegiň, ulagyň beýleki görnüşlerine görä, demir ýol ulagynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak babatda çäreleri işläp taýýarlamagyň, demir ýollary ulanmak we halkara demir ýol arkaly daşamalary has-da ösdürmek bilen bagly tehniki meseleleri çözmekde, şeýle hem demir ýol ulagynyň meseleleri bilen meşgullanýan beýleki halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň zerurdygyny bellediler.

Maslahata gatnaşyjylar BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan multimodal üstaşyr geçelgeleri döretmäge ýardam bermek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn gatnaşyklary üpjün etmek ulgamynda Kararnamalaryň kabul edilmeginde Türkmenistanyň başlangyçlaryny we tagallalaryny, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulagyň ähmiýetini nygtadylar.

Şeýle hem halkara ulag geçelgeleriniň strategik taýdan möhüm we amatly çatrygynda ýerleşýän Türkmenistanyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerinden toplumlaýyn peýdalanmak boýunça edilýän tagallalary bellediler. Şunuň bilen baglylykda, halkara hyzmatdaşlygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek üçin ulagyň, halkara ulag geçelgeleriniň ösdürilmegine ýardam bermek maksady bilen, ýokary derejeli halkara çäreleriň ähmiýetine aýratyn üns çekildi.

Maslahatyň işiniň jemleri boýunça ýolagçy we ýük daşamalary, infrastruktura, hereket edýän düzüm, kodlaşdyrmak we maglumat, maliýe, demir ýol arkaly halkara ýolagçy we ýük daşamalary üçin hasaplaşyklar, şeýle hem demir ýol arkaly daşamalar ulgamynda hünärmenleri taýýarlamak, bilim bermek ulgamlarynda ähmiýetli çözgütler kabul edildi.

Maslahata gatnaşyjylar myhmansöýerlik we mejlisiň ýokary guramaçylyk derejesi üçin Türkmenistanyň Hökümetine hoşallyklaryny beýan etdiler.

***Türkmenistan, Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 19-njy apreli.***



# THE SIGNING CEREMONY OF BILATERAL OCUMENTS TOOK PLACE AT THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN

On April 23, 2024, as part of the visit of the Secretary of State for Foreign, Commonwealth and Development Affairs Lord David Cameron to Turkmenistan, a signing ceremony of a number of bilateral documents took place in the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, namely the parties signed:

Cooperation program between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Foreign, Commonwealth and Development Office of the United Kingdom of Great Britain and Northern Ireland for 2024-2025;

Memorandum of Understanding and Cooperation between the Ministry of Environmental Protection of Turkmenistan and the «Blue Marine Foundation» to protect biological diversity and environment and promoting their conservation in the Caspian Sea;

Memorandum of Understanding and Cooperation between the Agency «Turkmenaragatnashyk» of the Agency of Transport and Communications under the Cabinet of Ministers of Turkmenistan and Company «Dialogue Events Ltd.»(Great Britain).

At the end of the ceremony, the participants expressed confidence that the signed bilateral documents would serve to expand the Turkmen-British partnership in various fields.

## Meeting at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the First Deputy Secretary General of the CIS

On April 20, 2024, at the MFA of Turkmenistan, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the First Deputy Secretary General of the CIS Leonid Anfimov, who arrived on a working visit.

During the meeting, aspects of intensifying cooperation between the CIS member states in the political, economic, environmental, cultural and humanitarian spheres, as well as in the field of sports, were discussed. Issues regarding the participation of the Turkmen side in events held within the framework of the CIS Executive Committee in 2024 were considered.

The agenda of the meeting also included preparations for the meeting of the Council of Heads of Government of the Commonwealth of Independent States, which will be held in May this year in Ashgabat.

## BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisler otagynda durnukly ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça Ýokary derejeli mejlis geçirildi

2024-nji ýylyň 17-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisler otagynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen durnukly ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça Ýokary derejeli mejlis geçirildi.



Durnukly ösüş hepdeliginiň çäklerinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy D.Frensis tarapyndan çagyrylan mejlise ýöriteleşdirilen halkara guramalaryň ýolbaşçylary, ulag pudagynyň milli ministrlikleriniň we edaralarynyň ýolbaşçylary, BMG-niň agza döwletleriniň diplomatik missiýalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar.

Gatnaşyjylar, ählumumy ulag gün tertibiniň meselelerini öňe sürmekde Türkmenistanyň işjeň ornuny belläp, durnukly ulagy ösdürmek çygrynda dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde duran wezipelere ünsi çekdiler.

2026 2035-nji ýyllar döwri üçin «Durnukly ulagyň onýyllygyny» durmuşa geçirmek boýunça işlenip-düzülýän hereketleriň meýilnamasynyň esasy maksadyna öwrülmeli, hemmeler üçin elýeterli, arzan we durnukly ulagy üpjün etmekde bilelikdäki utgaşdyrylan çäreleri amala aşyrmagyň ähmiýeti bellenildi.

2016-njy ýylda Aşgabatda we 2021-nji ýylda Pekinde geçirilen BMG-niň Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahatlarynyň jemleri boýunça kabul edilen resminamalar, 26-njy noýabryň Bütindünýä durnukly ulag güni hem-de 2026 2035-nji ýyllaryň «Durnukly ulagyň onýyllygy» hökmünde yglan edilmegi ýaly Türkmenistanyň öňe süren başlangyçlary esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň kararlary, dünýä jemgyýetçiliginiň bilelikdäki amal etmeli hereketleri we ulag pudagynda-ky halkara hyzmatdaşlygy guramak üçin esas hökmünde kesgitlenildi.

Türkmenistanyň öňe süren başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň çäklerinde ilkinji gezek geçirilýän 2030-njy ýyla çenli döwür üçin ählumumy ösüşiň Gün tertibini durmuşa geçirmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde çykyş edýän ugur boýunça Ýokary derejeli mejlisiň ähmiýetini belläp, çykyş edenler öňdebaryjy tejribeleri alyşmak, ygtybarly infrastrukturany ösdürmek, bütin dünýäde ulag durnuklulygyna ýetmek üçin strategiýalary bilelikde işläp taýýarlamak maksady bilen ýokary derejede köptaraplaýyn ulag dialogyny guramak üçin döredilen mümkinçilikden peýdalanmagyň zerurlygyny bellediler.

Mejlisiň barşynda BMG-niň agza döwletleriniň milli wekiliýetleri ulag ulgamynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aşakda görkezilen ugurlaryny hem ara alyp maslahatlaşdylar:

Ulag infrastrukturasyny, aragatnaşyk tehnologiýalaryny ösdürmäge, bilermenleriň mümkinçiliklerini artdyrmaga we ulag pudagynda hyzmatdaşlygyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň mukdaryny artdyrmak;

Multimodal ulag ulgamlaryny, ulag-üstaşyr geçelgelerini, halkara logistika merkezlerini ösdürmek we kämilleşdirmek;

Howanyň üýtgemeginiň netijelerini azaltmak we oňa uýgunlaşmak çärelerine durnukly ulag syýasatyny birleşdirmek, ekologiýa taýdan arassa ulag serişdelerini ilerletmek;

Jemgyýetçilik ulag serişdeleriniň häzirki zaman görnüşlerine elýeterliligi giňeltmek;

Ulag ösüşiniň durmuş taraplaryny göz öňünde tutmak bilen milli derejede elýeterli, arzan we ekologiýa taýdan arassa ulag hyzmatlaryny üpjün etmek zerurlygy.

Mejlisiň netijeleri boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň Başlygynyň edarasy tarapyndan jemlenen hasabat we teklipler taýýarlanylar.

Интернет газета
Международные новости

# THE DELEGATION OF TURKMENISTAN TOOK PART IN THE ECOSOC YOUTH FORUM 2024

From 16 to 18 April 2024, the delegation of Turkmenistan took part in the 2024 ECOSOC Youth Forum entitled «Strengthening the 2030 Agenda and eradicating poverty in the face of multiple crises: effectively implementing sustainable, resilient and innovative solutions».



The forum was attended by UN leadership, representatives of governments and youth organizations of member states, representatives of non-governmental organizations in consultative status with the UN Economic and Social Council and other stakeholders in the youth sector.

In his speech, UN Secretary-General Antonio Guterres noted that the new UN Youth Bureau was created to promote advocacy, coordination, participation and accountability for young people. It was also announced that the process of updating the organization's Youth Strategy had begun.

During the forum, plenary sessions were held on various topics, such as combating climate change, eradicating poverty and access to education.

The workshops provided an opportunity for participants to exchange experiences and views on various areas such as: youth entrepreneurship for sustainable development, driving innovation for social good and promoting peace and security through youth leadership.

Speaking during one of the plenary sessions, a representative of the delegation of Turkmenistan noted that youth is a priority of national and state interests. The country has adopted and is successfully implementing the «State Youth Policy Program for 2021-2025» and the «Strategy for International Cooperation of Youth of Turkmenistan for 2023-2030.» It was emphasized that the country's youth took an active part in such international events as COP 28 and the UNESCO Youth Forum.

# TÜRKMENISTANDA ANGOLA RESPUBLIKASYNYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISI IŞE BAŞLADY

Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Angola Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Auguştu da Silwa Kunýadan ynanç hatyny kabul etdi.



Milli parlamentiň ýolbaşçysy diplomaty jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen döwlet Baştutanymyzyň adyndan gutlap, iki ýurduň arasyndaky köpugurly gatnaşyklary ösdürmek, olaryň halklarynyň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmak boýunça alyp barjak işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Öz nobatynda, dostlukly döwletiň doly ygtyýarly wekili hoşniýetli arzuwlar, türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, Angola Respublikasynyň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň mähirli salamyny hem-de hormatly Prezidentimize we Türkmenistanyň ähli halkyna rowaçlyk, bagtyýarlyk, giň gerimli özgertmeleriň ýolunda täze üstünlikleri gazanmak baradaky arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda ilçi ýurdumyzyň içeri hem daşary syýasatynyň esasy ugurlary bilen tanyşdyryldy. Parahatçylygyň, ählumumy howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň bähbidine giň halkara hyzmatdaşlyk şol syýasatyň ileri tutulýan ugrudyr. Bellenilişi ýaly, Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizi üstünlikli ösdürmek, türkmenistanlylaryň abadançylygyny ýokarlandyrmak oňyn özgertmeleriň baş maksady bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, durmuş syýasatynyň esasy meselelerine aýratyn üns çekildi. Şol syýasatyň çäklerinde ylym-bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda, beýleki ugurlarda özgertmeler amala aşyrylýar.

Diplomata ýurdumyzyň hukuk binýadyny toplumlaýyn kämilleşdirmegiň çäklerinde Mejlisiň alyp barýan işi we düzümi barada gürrüň berildi. Özara düşünişmegi, ynanyşmagy pugtalandyrmak, netijeli döwletara dialogy giňeltmek maksady bilen, ysnyşykly parlamentara gatnaşyklary ýola goýmak baradaky teklip beýan edildi.

Duşuşygyň ahyrynda Angola Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Auguştu da Silwa Kunýa öz tarapyndan däp bolan dostlukly gatnaşyklary ynanyşmagyň we birek-birege hormat goýmagyň esasynda mundan beýläk-de yzygiderli pugtalandyrmak üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

# Делегация Туркменистана участвовала в работе Форума ЭКОСОС в г. Нью-Йорке

***В период с 22 по 24 апреля 2024 года делегация Туркменистана во главе с Министром финансов и экономики С.Джораевым приняла участие в Форуме ЭКОСОС по последующим мерам в области финансирования развития (FfD Forum).***

В соответствии с программой визита 23 апреля 2024 года Министр, выступив в рамках пленарного заседания Форума, отметил активную практическую деятельность Туркменистана в реализации Аддис-Абебской программы действий по финансированию развития.

Затем глава делегации Туркменистана принял участие в панельной дискуссии Форума на тему «Мобилизация внутренних государственных ресурсов».



Выступая в рамках дискуссий, Министр подчеркнул, что для успешного достижения глобальных целей и задач необходимо продолжить многостороннее партнерство и сотрудничество.

В тот же день по инициативе Туркменистана было проведено параллельное мероприятие «Диалог высокого уровня по вопросам транспортной и энергетической связуемости в целях расширения финансирования развития: Десятилетие устойчивого транспорта ООН на 2026-2035 годы, Ашхабадская платформа энергетической взаимосвязанности».

В диалоге приняли участие Ивана Живкович помощник Генерального секретаря ООН, Директор Регионального бюро ПРООН по странам Европы и СНГ, Сандагдорж Эрденебилег и.о. Заместителя Генерального секретаря ООН, Высокого представителя по наименее развитым странам, развивающимся странам, не имеющим выхода к морю, и малым островным развивающимся государствам, представители Департамента ООН по экономическим и социальным вопросам, главы национальных делегаций на Форуме по финансированию развития, Постоянные представители и эксперты государств-членов ООН.

По итогам Диалога высокого уровня участниками был одобрен Итоговый документ, обобщающий результаты состоявшейся дискуссии.

# TÜRKMENISTANYŇ DIM-NIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTYNDA «TÜRKMENISTANYŇ ULAG DIPLOMATIÝASYNY ÖSDÜRMEK BABATYNDAŞ HALKARA HYZMATDAŞLYGY» ATLY MASLAHAT GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Türkmenistanyň ulag diplomatiýasyny ösdürmek babatynda halkara hyzmatdaşlygy» atly maslahat geçirildi.






Çärä Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň, Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň wekilleri, jemgyýetçilik we syýasy işgärler, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary we talyplary, şeýle-de KHBS-iň wekilleri gatnaşdylar.



Maslahatda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow, Türkmenistanyň Mejlisiniň, ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri, ulag we kommunikasiýalar boýunça agentlikleriň hünärmenleri çykyş etdiler, şeýle-de BMG-niň ýanyndaky Ulag diplomatiýasynyň Halkara merkeziniň ýerine ýetiriji sekretary Igor Runowyň wideoýüzlenmesi diňlenildi.

Bellenilşi ýaly, «Türkmenistanyň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» ulagyň ähli görnüşleriniň maddy-tehniki binýadyny hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak, häzirli zaman ýöriteleşdirilen infrastrukturany döretmek, Türkmenistanyň üstaşyr ulag geçelgeleriniň sebit merkezi hökmündäki ornuny mundan beýläk-de berkitmek bilen bagly strategik ugurlar göz öňünde tutulýar. Şu nukdaýnazardan, 2024-nji ýylyň 15-19-njy apreli aralygynda Aşgabatda geçirilen Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (DÝHG) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň XXXVIII mejlisiniň ähmiýeti beýan edildi.

Ýurdumyzyň ulag boýunça 10-dan gowrak halkara konwensiýalaryna gatnaşýandygyny, Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty geçirmek başlangyjyny öňe sürendigini nygtamak bilen, çykyş edenler Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2014, 2015, 2017 we 2021-nji ýyllarda köptaraplaýyn ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen degişli Kararnamalary kabul edendigini nygtadylar.

Maslahat öz işini «Durnukly ulag ulgamy - söwda-ykdysady gatnaşyklaryň daýanjydyr» atly tema boýunça tegelek-stol görnüşinde dowam etdi.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Литературный вечер, посвященный 300-летию со дня рождения великого туркменского поэта и мыслителя Махтумкули Фраги***

17 апреля, в здании Консульства Туркменистана в городе Актау состоялся литературный вечер, посвященный 300-летию со дня рождения великого туркменского поэта и мыслителя Махтумкули на тему: «Мир поэзии Махтумкули, наполненный мудростью».

В мероприятии приняли участие директор Мангистауской областной универсальной библиотеки З.Ж.Айтуарова, представители туркменской диаспоры, представители Государственного культурного центра Туркменистана, преподаватели Ашхабадского университета международных отношений, Государственного университета имени Махтумкули, научные сотрудники Академии наук имени Махтумкули, учащиеся и студенты учебных заведений Мангистауской области.

В рамках литературного вечера была организована книжная выставка, где были представлены книги из фонда Мангистауской областной универсальной библиотеки по творчеству Махтумкули Фраги.

***Президент Туркменистана присвоил почетные звания наставникам и игрокам хоккейной команды «Галкан»***

Указом президента Сердара Бердымухамедова за большие заслуги в развитии туркменского спорта и повышении его международного авторитета, успешное выступление с завоеванием первого места на международном турнире по хоккею, проходившем в Ашхабаде 15-20 апреля, отличия в тренировочной работе звание «Заслуженный тренер Туркменистана» присвоено Мейлису Кулиеву - тренеру хоккейного клуба «Галкан» при МВД и Ильясу Велиеву - помощнику тренера того же клуба.

Звания «Заслуженный мастер спорта Туркменистана» удостоились игроки команды «Галкан». В их числе: Мухамметяр Нурыев, Керемли, Рахман Мырадов, Арслан Гелдимырадов, Муса Аннасапаров, Бегенч Довлетмырадов, Овезгулы Эсенов, Гурбанмырат Тангиев, Эркин Какабаев, Амангелди Агниязов, Перхат Атаекаев, Павел Барковский, Новруз Байханов, Баймырат Баймырадов, Сердар Какаджанов, Арслан Нурыев, Александр Ваховский и Ахмет Гурбанов.

В воскресенье, 21 апреля, в Институте МВД Туркменистана состоялась церемония чествования спортсменов и тренеров туркменской хоккейной команды «Галкан», которым были вручены дипломы и памятные подарки от имени главы государства.

***В Герате прошел литературный вечер, посвященный 300-летию со дня рождения Махтумкули Фраги***

20 апреля 2024 года в Генеральном консульстве Туркменистана в Герате, Афганистан, прошел литературный вечер в честь 300-летия со дня рождения поэта Махтумкули Фраги с участием представителей туркменской диаспоры и местных органов культуры.

Выступавшие на литературном вечере отметили, что под руководством Президента Туркменистана национальная культура и искусство в стране достигли больших высот развития, а творческое наследие Махтумкули Фраги получает признание во всем мире.

На мероприятии участники обменялись мнениями о жизни и творчестве Махтумкули Фраги. Они отметили, что творчество великого поэта и мыслителя Махтумкули Фраги оказало влияние не только на туркменскую литературу и духовный мир, но и на народы Востока.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***